# Arwah gelýän gijesi / powest

Category: Kitapcy,Mistika we fantastika,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Arwah gelýän gijesi / powest ARWAH GELÝÄN GIJESI




Anna günüdi. Mydama bolşy ýaly, türkmen tomsunyň yssysy ertirden bäri demlikleri tutup, gün ikindä sanyberen çagy salkyn aralaşyp, janlar birneme aram tapdy. Öwez gapysyndaky agaç sekä atylan düşege geçip, aýaly Güljereniň demläp, basyryp goýan çaýyny içmäge oturdy. Saçagyň üstünde ir-iýmişden göwün söýläniň bardy. Kişmişdir kökeler, daşy dürli kagyzlyja süýjüler owadanja aýna gapda durdy. Gowurdakmydyr gaýmak hem Öwez iýse-iýmese, mydama saçaga getirilýärdi.
Ýumşajyk kişmişlerden käte bir agzyna atyp, daşyna gök reňk bilen pagta güli çekilen käseden çaý süzýän Öwez mydama bolşy ýaly, häzir hem howlusyna, öýüne nazar aýlap, döwletine guwanýardy. Onuň bişen kerpiçden kaşaň salnan jaýy göreniň gözüni özünde egleýärdi. Howly tämizdi. Ýöreljek ýollarda owadan daşlar düşelip, gapdallarda gül-gülälek ekilipdi. Aşhanadyr hammamyň içi-daşy ýylmanak ak daşlar bilen bezelensoň, diýseň tämiz görünýärdi. Tertipli goýlan üzüm

dalbarlaryndan bişip, baly goýalyşyp ugran dürli-dümen üzümler sallanyşyp durdy. Owadan gelinbarmaklar, kiçijik bidäneler, ak-gara reňkli togalak üzümler biri-birinden üns çekerlidi.

Öweziň gyzy Gülälek jaýyň bir gapdalynda ýere haly düşek atyp, köýnegine keşde çekýärdi. «Gyzym Gülälek diýseň Gülälek. Günsaýyn görklenip barýar ol» diýip, Öwez gyzyna guwanç bilen bakyp, içini gepletdi. Gyzynyň görki, eliniň işliligi onuň şatlygyna şatlyk goşýardy. Gülälegiň garlawajyň ganaty deý gyýma gaşlary, açylmadyk gunça mysaly, pökgüje dodaklary, tegelek, bugdaýreňk ýüzi gelşiklidi. Işiň abyny-tabyny alan sülük barmaklary naşyjady. Öwez her gün gözüni aýyrman seredende gyzyndan bir kem tapyp bilenokdy. Onuň mährinden ganyp bilenokdy. Gyzyny diýseň gowy görýärdi. Şeýle bolmazça-da däldi. Öweziň ýeke-ýalňyz perzendi şu gyzdy. Onuň Gülälekden başga çagasy bolmady.

Gyzyň oturyp-turşy-da müň gyza taýlykdy. Ýygrady. Hernäçe çagyrylsa-da, ýetişip ugraly bäri kakasynyň ýanynda oturmazdy. Nahary-da aýry düşek ýazynyp iýerdi. Ýörände edalydy. Gabagyny ýerden galdyranokdy. Buýrulan işi ederdi. Oturan çagy ulugyzlara mahsus utanjaňlyk bilen köýneginiň etegini aýaklaryna çenli ýapyp, ýygrylar oturardy.

«Hudaý jan şunymy bir köp görmesin! Gyzymyň alny-bagty bolsun!» diýip, Öwez gyzyny synlap oturşyna ýene pikir öwürdi. Uludan demini aldy. «Gyzym-a kişi maşgalasydyr. Bu gyz gidensoň men bu içerä sygarkam? Birje oglum-da bolan bolsady…»

Gyzy birkemsiz ýetişipdi. Guda boljaklar haçan gapyny kaksa kakybermelidi. Bu zatlar ýadyna düşende Öwez öýe sygmajak bolýardy. Ýöne her zadam bolsa, durmuşyň üýtgewsiz kanunyna boýun bolmakdan başga alajy-da ýokdy. Gyz maşgalanyň keseki gapysy üçin dünýä inýänine ol düşünýärdi. Gyzynyň haçanam bolsa bir gün alnyp gidiljegi bilen razylaşmalydygyny bilýärdi. «Belki, öýümde ýaşadar ýaly, hem ogul ýerini tutar ýaly, ganymadrak ýigit çyksyn-da muň alnyndan» diýip, dileg edýärdi. Gyzynyň keşdeleýän eşikleriniň-de bukja eşikleridigine Öwez düşünýärdi.

Hamala, bukja atjak egin-eşikleriniň ählisini basymrak keşdeläp bolup, kakasynyň öýünden gitmäge howlugýan ýaly, Gülälek bolsa uzakly gün, hat-da gijesi bilen iş tikýärdi. Öýüň syrym-süpürim, biş-düş, kir-çäk işlerini bir ýüzli edensoň, ol dessine iňňe-sapagyny eline alyp, keşdä güýmenýärdi. Gijäniň bir wagtyna çenli tiken tikerdi. Irden

turubam, çaýyny içip bolandan keşde güýmenerdi.
– Gyzyň howlugýan ýaly, ýöne keşdesine haýdap gidip otyr-laý – diýip, Öwez bir gün gyzynyň bu bolşundan göwni galýan ýaly bolup, aýalynyň ýanynda gyzy hakda gep gozgapdy.
Şonda aýaly Güljeren onuň ýüzüni alypdy:
– Erkek kişi halyňa gyzyň keşdesi bilen nä işiň! Aňsatmy kyrk köýnegi, kyrk aýak geýimi nagyşdan doldurmak. Şol zatlary özüniň nagyşlap bilýänine şükür et onuň. Iliň gyzy ýaly «Ýaka tikdirjek, pul beriň» diýip, gulak etiňi guradyp dursa nädersiň!?
Aýalynyň bu sözleri Öweziň kalbyndaky gyzyna bolan birazajyk kinejigi-de joşup duran ata mährine öwrüp goýberipdi. Maşgala agram salman, öz gününi görüp oturan gyzyna onuň söýgüsi has güýjäpdi.
Şu zatlar hakda pikir öwrüp, çaý içip oturşyna, Öwez häzirem gyzyny synlaýardy. Göwnüne bolmasa, Gülälegiň iş tikişi öňküsindenem çaltlaşýan ýalydy. Sülük barmaklar maşyn kimin hereket edýärdi. Iňňäniň girip-çykyşyna göz iler ýaly däldi. Gülälek, bir görseň, ony keşdä dürtüp duran ýalydy, gözüňi gyrpmankaňam, çekip alýardy-da, ýene keşdä dürtýärdi. Özem gara dere batypdy. «Beýdip haýdap işlemek nämä gerek diýsene» diýip, Öwez gyzyna bakyp oturşyna, içini gepletdi. Ahyrsoňy hem gyzynyň keşde üçin jebir çekip oturşyna dözmän, içki pikirini daşyna çykardy:
– Gülälek jan, gyzym, beýdip depläp oturma-da, goýsana işiňi!
Gülälek kakasynyň gepine üns bermän, iş tikmesini haýdap, dowam etdi. Güljeren endigi boýunça adamsyna igendi:
– Bolşuň erkek kişiniň bolşy däl seniň, Öwez. Ne işiň bar gyzyň bilen. Il işlemeýänden bizar. Sen bolsaň, işleýäne gün bereňok.
Öwez dözmezlik bilen gyzyna tarap elini salgap goýberdi:
– Sered-ä oňa! Gara der boldy. Beýdip işlär ýaly, näme bar! Gelnaljysy gelip duranog-a. Ýetişmejek zady bolsa, bizem pula tikdiräýeris. Ýöne beýdip, jana jebir bermek gerek däl!
Gülälek ejesiniň-de, kaksynyň-da gürrüňlerini eşidenokdy. Ýogsa onuň oturan ýeri olardan gaty bir daşda däldi. Gyz ejesi-kakasynyň oturan sekisinden bäş-alty ädimlikde otyrdy. Özem işe şeýle bir berlipdi welin, özüniň nädip şeýle çalt iňňe urup bilýänine özem haýranlar galýardy. Eliniň işleýşine öz gözi ilenokdy. Misli, kimdir biri elinden itip, iňňäni keşdä urup-çykarmaga hemaýat edip duran ýalydy. Gulagyna

kimdir biri güýçli ses bilen pyşyrdaýardy: «Bol! Bol basymrak! Bol basymrak! Mundanam çalt işle! Bol diýýän! Bol diýýän! Bol basym!»
Ol pyşyrdy erkek kişiniň pyşyrdysymy, aýal maşgalanyňkymy, bu wagt Gülälek duýup bilenokdy. Ýöne pyşyrdy gorkunç eşidilýärdi. Gyzyň ýüregi muňa tisginip-tisginip gidýärdi. Özem pyşyrdy sesi gulaklaryny deşip barýardy. «Bol! Bol basym! Bol diýýän saňa! mundanam çalt işle! Çalt! Basym gutar keşdäňi! Basym! Basym! Basym!»
Işlemeden ýadan gyzyň eliniň güýji gaçdy. Ysmaza döndi. Derlemeden öl-suwa öwrülen ýüzi birden ak tam boldy. Ýüreginiň kuwwaty gidýän ýalydy. Pyşyrdy bolsa birsyhly howlukdyrýardy: «Basym bol! Basym! Basym! Basym!»
Gyzynyň agarýan ýüzüni görüp, Öwez howsalaly gepledi:
– Güljeren! Näme diýseňem, Gülälege bir zat bolýa şu gün! Syn et oňa! Onuň ýüzüniň gany gaçdy!
Güljeren göwnüne hiç zat getirmän, gyzyna tarap gygyrdy:
– A gyz! Bes edäý indi işiňi! Ertir gelnaljyň geljek bolup duranok ahbetin! Bu gün anna güni. Iş tikmeli däl sen aslynda. Gün batyp barýa. Bes et, Anna agşamy üçin ys edeli. Tüwüjik bişireli. Ölen-ýitenlerimizi ýatlap, töwir galdyrarys.
Gülälek ejesidir kakasynyň sözlerini entegem eşidenokdy. Ol gulagyna gelýän ses bilen başagaýdy. «Bol basym! Bol! Bol diýýän!» diýip, ses öňküden hem batly pyşyrdap, gyza haýbat atyp başlady. «Bol basym!» Basym bolmasaň, bogaryn!»
Gülälek mundan bu ýana elini gymyldatmaga çydamady.
– Men indi çydamo-ok! – diýip, sesini süýndürip, pyşyrda jogap berdi. – Halys elim ysanok! Soň tikeýin!
Gülälegiň gepi düşnüksiz eşidildi. Şeýle-de bolsa, Öwez onuň nämedir bir zat diýýänini duýdy.
– Gülälek bir zat diýýän ýaly-da? – diýip, soragly nazaryny aýalyna dikdi.
– Ýeke çagaň bolansoň, halys ondan gözüňi aýraňok sen – diýip, Güljeren adamsyna jabjyndy. – Gözüňem degirýäň sen şoňa! Meň gepime jogap berýändir-dä! – Adamsyna şeý diýensoň, Güljeren ýene gyzyna gep goşdy. – Maňa bir zat diýýäňmi, gyzym?
Gülälegiň ejesi bilenem işi ýokdy, kakasy bilenem. Ol ýene gulagyny iýip barýan pyşyrda:
– Çydamok. Soň tikeýin – diýip, jogap berdi.
Ses onuň bilen ylalaşmady.
– Ýok, soň tikme! Häzir tik. Basym bol, basym! – diýip,

birsyhly gyzy gyssady.
Gülälek ýene:
– Çydamo-ok – diýip jgap berdi-de, ýüregi aşak gaçan ýaly bolup bir gapdala agyp gitdi.
Gyzynyň ýykylanyny görüp, Öweziň zähresi ýaryldy. Ol sekiden özüni taşlap, gyzyna tarap ylgady. Howsala bilen gygyrdy:
– Diýdim-ä men şuňa bir zat bolýa diýip! Gyzyň çaşýa, Güljeren! Diňlemediň sen meni!
Güljeren hem ýaka ýyrtyp, gyzyna tarap ylgady:
– Waý, doganlar! Gülälek jan! Näme bolýa saňa?! Ýet! Suw getir! Waý, goňşulary çagyr! Öwez, bol basym! Bol basym! – Güljeren gyzynyň tikip oturan işini bir çete oklady-da, gyzyň özüni gujagyna aldy. Gyzynyň maňlaýyny sypady. – Wah, söwer balam, nä boldy saňa?! Göz boldumy, dil boldumy?
Öweziň kellesi göçüpdi. Huşy başyndan uçup, näme edýäninem bilenokdy. Aýakýalaňaç ylgap ýörşüne, bir kürüşge suw getirip, Gülälegiň ýüzüne sepdi. Soň goňşulara atyldy.
Gyz gaşlaryny gerip, iňňildedi:
– Çydamo-ok!
Güljeren gyzynyň ýüzünde elini gezdirip, Öweziň sepen suwuny süpürişdirdi:
– Wah, jan balam, heý, çydamaz bolýançaňam bir iş tikerlermi! Nämä gerek ol, şeýdip, janyňa jebir edip tikilen iş. Tikilmän geçsin şol, tikilmän geçen!
Gülälegiň gulagyna pyşyrdaýan sesiň eşidilmesi galdy. Ýöne gyz gözlerini açyp bilenokdy. Salym geçirmän, Öwez yzyna goňşulary Näzik daýzany tirkäp geldi.
– Gyzyňyz garaguşagyry tapynan bolaýmasa – diýip, Näzik daýza Gülälegiň ýagdaýyny synlap, netije çykardy. – Çaşanda agzyndan ak köpük geldimi?
– Aý, ýok, hiç hili köpük görünmedi – diýip, Güljeren ýagdaýyny düşündirdi. – Men-ä, dogrusy, şoňa gaty bir ünsem bermändirin. Birhili, biri bilen gepleşýän ýaly boldy-da, birdenem, çaşyp ýatyberdi.
Näzik daýza ikirjiňlendi:
– Garaguşagyry bolsa-ha agzyndan ak köpük geläýmeli. Eger köpük gelmedik bolsa, onda yssydan ýa-da ýadowlykdan çaşandyr. – Şeý diýensoň, Näzik daýza Öweze ýüzlendi. – Öwez! Bar, bir soganjyk artyp getir!
Öwez çalt gidip, pyçak bilen sogan alyp geldi. Ony dik duran ýerinden howlugyp ardyp durşuna, Näzik daýzanyň pikirine öz

pikirini goşdy:
– Wah, ýadowlykdan-la şol, Näzik daýza! Ýadowlykdan. Munuň iş tikäýşini sen sorama! Haçan görseň, iňňä ýapyşyp otyr. Ýaňy dagy gara der bolup gitdem welin, goýanog-a! Nämä gerek beýdip howlukmak. Ýetişmedigini pula-da tikdirip bor. Birki sany eşik kem bolanda-da yzyna getirip gidesleri ýok-la-how! Ejeden gerek bu zatlary düşündirmek. Bu heleý-ä gep düşündirenden geçen, gaýtam meniň dilimden aslyşýar-a!
Güljeren içki gynanjyny daşyna çykardy:
– Wah, men nä bileýin beýle boljagyny! Iş tikip çaşany şu ömrümize görmämizsoň… Ilde-günde-de kän iş tikýän…
Öwez Güljereniň sözüni bölüp, azgyryldy:
– Il bilen nä işiň! Öz çagaňy bil sen! Çagaňa haýpyň gelenokmy seniň!
Güljeren günäsini boýun alyp, müýnürgedi:
– Indikime bek bolaryn-da. Eddil ýalaňaç gidýänem bolsa, indi eline iş aldyrman munuň!
Näzik daýza Öweziň ardyp eline tutduran soganyny aýasynda mynjyradyp, Gülälegiň agzyna, burnuna oýkady. Gyz gaşlaryny çytyp, kellesini iki ýana ýaýkady. Soň birnäçe gezek asgyryp, özüne geldi. Gözüni açyp, töweregine nazar aýlady.
– Eý-waý-ýeý! – diýip seslendi. Uzak günüň ukusyndan turan ýaly, pallady. Üşütme tutup, titredi. – Eý, waý! Eý-wa-aý! Üstümi ýapsana, eje, üşeýän! Özümem ýatjak. Azar bermäň, gaty ýadadym!
Şeý diýip, Gülälek ýene gözlerini süzdi.
Öwez içerik ylgap gitdi, odeýalo alyp çykdy-da, gyzynyň üstüni ýapdy.
– Häzir bimahal çag! Ýatmasaň gowy bordy, gyzym! – diýip, Güljeren ýene gyzynyň ýüzüni sypady. – Anna agşamynyň şamy ýetip gelýä!
Güljeren soragly nazaryny Näzik daýza dikdi. Näzik daýza onuň näme diýjek bolýanyny aňdy.
– Degme, uky gelen wagty biraz irkiläýsin! Howlynyň gapysyny gulpla-da, gözüň alnynda ýatyraý. Her zadam bolsa, daşarda biraz howa bar. Içeri-hä petişdir bu wagt – diýip, Näzik daýza Gürljerene maslahat berdi. – Ikindi bilen şamyň arasynda ýatmal-a däldir… Aýratyn-da anna agşamynyň şamynda… Ýaramaýan kişiniň günäsini Allatagala geçer-dä…
Öwez ýene içerik girip gitdi. Ýassyk alyp çykdy. Ýassygy gyzynyň kellesiniň aşagynda goýdy: – «Tiz kömegi»

çagyraýsakmykak, Näzik daýza?! Ejemiňem bolmaýşyny diýsene bu wagt!
– Çagyrasyň gelse, çagyraý. Barlab-a görer. Belki, däri-derman eder. – Şeý diýensoň, Näzik daýza Öweze soragly nazarlaryny gönükdirdi. –Aýjahan nirä gitdi? Ýene gyzynyňkamy?
– Hawa – diýdi-de, Öwez sesine gahar çaýdy. – Soňky döwürler-ä gyzynyňka gitmäni köpeltdi şol. ÝA şol ýerik başybitin ibermelimi-nämemi ony.
– Çagasydyr-da» Nä işiň bar! – Näzik daýza Öweze nesihat etdi. –Garry adamyň näçe gün ömrüniň bary belli däl. Ölmänkä çagasynyň mährinden ganasy gelýändir.
Öwez öýkeli hüňürdedi:
– Men näme, çagasy dälmi onuň!
Näzik daýza ýylgyrdy:
– Uzakdaky süýjüräk bolýandyr. Sen mydama ýanynda ahyry onuň.
– Şeý diýensoň, Näzik daýza gitmäge çemlendi. – Men-ä, onda, rugsat berseňiz, gitjek. Bu gün anna agşamy. Ölüleriň ruhunyň galýan günüdir. Ys edeýin. Tüwüjik bişirip, Emir jan bilen kakasyna aýat okaýyn. –Näzik daýza gepiniň soňuny gussaly dowam etdi. – Her anna agşamy dünýeden ötenleriň ruhy oýanyp, öýünden aýlanyp gidermiş. Olar ýag ysy çykarylyp, özlerine aýat-töwir edilerine garaşarmyşlar. Özlerini ýatlap, atlaryny tutsaň, razy bolup gidermişler. Ýatlamasaň, gargap gidermişler… Emir janyňam ejesini bozladyp gidenine şu ýyl ýigrimi ýylyň içidir. Öz salan dagy bilen kakasyny-da ýykyp gitdi…
Näzik daýzanyň sözlerine Öwez sesini çykarman, başyny aşak saldy. Güljeren göwünlik berdi:
– Gynanma, Näzik daýza. Ýazgydydyr neressäniň, nätjek!
– Hawa-la – diýip, Näzik daýza aglamadan guran gözlerinde barmaklaryny gezdirdi. – O dünýesi bolsun balamyň! Boljak iş bir mahal boldy. Indi takdyra ten bermeden gaýry çäre ýok. Sen derwezäňi gulpla-da, gyzyňa seret. Men ýigrimi ýyl bärem günümi görüp gelýärin. Indem görerin. Külpetmi-nämemi, soňky wagtlar gözlerimiň görşüniň-de ugry ýok. ÝA garrylykdan, ýa-da köp aglanandan!
– Agy gursun! Agy-da zyýan salýa göze – diýip, Güljeren ýene Näzik daýza göwünlik berdi. – Her zadam bolsa, gyzyň bar, gyzyň çagalary bar. Indi bir agyny azaldaýarlar, Näzik daýza. Öz janyňa haýpyň gelsin!
Näzik daýza uludan dem aldy:

– Gyzyň-da baryna şükür! Gyz gyz bolaýýa-da. Kişi maşgalasy. Ogluň ýerini tutjak gümany barmy onuň! Onda-da murty tabansoň giden ogluň ýerini çykan gyz gelip, tutup bilmez! Emir janyň yzyndan barýançam, agym galar öýdemok men, gelin.
Güljeren uludan dem aldy:
– Onyň-a dogry… Balasyny aldyran ene diňesi ýok-da.
Näzik daýza derwezeden çykdy:
– Bolýa, hoş oturyň. Gerek bolsam, ýene çagyraýyň. Indem ýap derwezäňi içinden!
– Taňryýalkasyn, Näzik daýza! – diýip, Näzik daýza minnetdarlyk bildirdi-de, Güljeren howlukmaç halda derwezäni ýapdy. Adamsyna tabşyryk berip, naharyň ugruna çykdy. – Sen gyzyň ýanynda otur. Men nahar bişireýin.
– «Tiz kömegi» çagyrmaýynmy? – diýip, Öwez gözlerini petretdi.
Doktor çagyrylmagyny Güljeren gaty bir göwnemedi:
– Entek uklap tursun. Ýagdaýyna seredeli. Gerek bolsa, soň çagyraýarys.
Öwez aýaly bilen ylalaşdy:
– Bolýa-da beýle bolsa…
Ol gözüni gyrpman gyzyny garawullady. Gyzynyň dem alşyna begenip, ýüregi galkyp-galkyp gidýärdi. «Eý, hudaý! Ýeke çagamy goraweri» diýip, içinden birsyhly gaýtalaýardy. Gyzyna şeýle bir ýüregi awaýardy welin, ony hut bäbejik mysaly bagryna basyp saklaýasy gelýärdi. Ýaşy on sekize ýeten gyzyň tümmeren döşleriniň üstünde towlanyp ýatan bilek ýaly ýogyn saçlar bolsa indi onuň ata sypalardan geçendigini ýatladýan mysaly, öýkeniň howany sorup-çykaryp durmasyndan titräp durdy.
***

Näzik daýza tüwi bişirdi. Özüne bir jam guýup, saçagynyň üstünde goýdy. Soň naharyndan başga bir çaklaňja jama-da guýdy. Ony gabat garşysyndaky goňşusy Aýnabat daýzanyňka äkitdi. Näzik daýza baranda Aýnabat daýza-da ogludyr gelni, agtyklary bilen tüwi iýip oturdy. Eli jamly giren Näzik daýzany gören Aýnabat daýza bir çete süýşüp, saçak başynda bir adam ýerleşer ýaly ýer açdy.
– Her annada özüň bişirip duraňsoň, biz-ä saňa dadymlyk eltmedigem, Näzik – diýip, Näzik daýza gep goşdy. – Bizem tüwi bişirdik şu gün. Gülälek jany ýatladyk.
Näzik daýza elindäki jamyny Aýnabat daýza uzatdy:

– Bir özüm-ä. Öz bişirenimi iýsem-de ýetik maňa. Maňa nahar eltme gerek däl. Noş bolsun, kabul bolsun, iýiň özüňiz. Agtyklaň bar, gelniň, ogluň bar. Siziň zadyňyz yrýa bolmaz. Men welin ýekeje käse bişirsem-de, iýdirenok maňa.
Aýnabat daýza Näzik daýzanyň beren jamyndaky tüwini öz jamlaryna düňderdi. Mydama diýýän gepini gaýtalady:
– Kabul bolsun! Allaryna barsyn, Näzik. Kadyr kaka bilen Emirjan üçin bişirensiň bu tüwini.
– Hawa, şolar üçin hem beýleki ölen-ýiten kowum-garyndaşlaryň, tanyş-bilişleriň ruhuna aýat okamak üçin.
– Kabul bolsun – diýip, Aýnabat ýene öňki sözüni gaýtalady. – Gel, senem bizden duz dat.
Näzik daýza dyz epip, ortadaky jama el uzatdy-da, naharyň duzuny datdy:
– Duzdan uly bolmaýyn. Öz naharymy-da guýup, saçagymda goýup gaýtdym. Siz arkaýyn iýiberiň. Men öz töwirimi galdyryp, öýe baraýyn.
Näzik daýza agzyna atan bir çümmük tüwüsini ýuwdup, içinden doga okap, ýerinden turdy. Nahar getiren jamyny alyp, gitmäge çemlendi:
– Häli şam ara Öweziň gyzy çaşypdyr, sorap gaýdaryn diýseň, naharyňy iý-de, baraý meňkä, Aýnabat. Bile aýlanaýarys.
Nahar başynda gepi köpeldip durmajak bolup, Aýnabat daýza Näzik daýza gysga jogap berdi:
– Bolýa, baraýaryn.
Şondan soň Näzik daýza daşaryk çykdy. Öýüne gelip, naharyny iýdi. Töwir galdyryp, okamaly dogasyny okady. Soňra saçagyny ýygnap, çaý demlendi. Süýjüdir goşa käse getirdi. Onýança Aýnabat daýza-da geldi. Näzik daýza Aýnabat daýza üçinem bir käseý çaý guýdy:
– Gel, bir käse çaý içeli. Soň gidäýeris olara. Aýnabat daýza Näzik daýzanyň gapdalyna geçip, özüne goýlan çaýy öňüne çekdi:
– Soraly diýeňsoň geläýdim men-ä, Näzik. Nämüçindir, şu, Öwez diýýäni meniň sulhum alanok. Nämedenligini bilemok welin, şony gören çagym ýüregim endiräberýär. Ýogsa, bende ýa biziň bilen sögüşenok, ýa öýüme kesek atanok.
Näzik daýza Aýnabat daýza geň galyp seretdi:

– A gyz, menem şeýle-dä. Şol Öwezi hiç halamok-da, gyz. Halys özleri çagyryp goýmasa baraýmasam, bosagasyndan ätleýän däldirin. Ýeke ejesi Aýjahan bilen köneden bäri ümmüldeşip ýöremsoň ädiläýýä aýaklarym. Hem öýümiz öýüne degip dur-da. Baryş-geliş etmejegem bolsaň, beýle ýagdaýda oturyp bolanok. Ýogsa dagy, eger-eger aýagym çekenok-da şolara. Maňa-da agramly sözem diýenoklar. Öwezem özbaşyna başyny salyp ýören oglan. Onda-da teý halamok-da şony.
– Näme bolupmyş gyzyna? – diýip, Aýnabat daýza sorady.
– Gözüm bilen gören zadym-a ýok. Öwez çagyryp äkitdi. Iş tikip otyrka çaşanmyş.
– Anna gününiň şamynda-da bir iş tikme bormy.
– Guda-puda gelýän bolaýmasyn. Işi gyssagly bolaýmasyn?! – Şeý diýip, Näzik daýza çaýyndan birki owurt owurtlady. Süýji-kökäni Aýnabat tarap süýşürdi. – Al, süýjüjigem atsana agzyňa.
Aýnabat daýza kiçijik nogul süýjüden birini agzyna saldy:
– Gelnaljyň gelende-de anna güni iş etmek nämä gerek. Anna güni musulmançylykda tikin-çatynam etmeli däl, kirem ýuwmaly däl. Diňe säher bilen içeri-daşaryňy tämizläp, nahar-şamyň bilen bolmaly. Ruhlar hapa içerä-de gelmezmiş. Öweziň ejesi, aýaly bu zatlary öwretmeýärmikäler ol gyza?!
– Öwredýändirler-le – diýip, Näzik daýza goňşularynyň tarapyny tutdy. – Ýöne bi zamanyň çagasyna gep düşündirip bolýamy!? Annaňam bilenok bular, şenbänem.
– Onyňam dogry – diýip, Aýnabat daýza Näzik daýzany makullady. Onda-da diýip, öwredip durmaly. Ahyr düşünerler.
Çäýnegiň çaýy gutardy.
– Soraýa diýme. Ýene demläýin? – diýip, Näzik daýza Aýnabat daýzanyň ýüzüne tiňkesini dikdi.
Aýnabat daýza çaýdan ýüz öwürdi:
– Öýdenem içip geldim. Meň üçin demleme. Özüň içerin diýseň demlenäý.
Näzik daýza çäýnek-käsesini ýygnady:
– Çaýy köp içseňem, gije ýatyp bolanok. Garagyň gataýýa. Menem bes edeýin. Ýör, hernäme-de bolsa, Öweziňem halyndan habar alyp geleli. Aýjahanam ýok eken öýünde. Gyzynyňka gidipdir.
Aýnbat daýza ýerinden turdy:

– Ýör, alsaň alaly.
Näzik daza bilen Aýnabat daýza baranda Öwezdir Güljeren hem iýip-içip bolup otyrdy. Gülälek içerdedi.
– Geliň, geçiň – diýip, Öwez goňşularyna sekiden ýer görkezdi.
Näzik daýza bilen Aýnabat daýza sekä geçip, ornaşanlaryndan soň Güljeren olara çaý guýup uzatdy.
– Biz-ä çaý içibem geldik. Azar edinme – diýip, Aýnabat daýza sypaýyçylyk etdi.
– Içenem bolsaňyz, biziňkidenem bir käsejik içäýiň. – Güljeren goňşularynyň hersiniň öňünde çaýly käseleri goýdy. Süýjüli gaby süýşürdi. – Alyň, süýji-kökejigem iýip oturyň.
– Gülälek görnenok-la? – Näzik daýza töwerege göz aýlady. –Açylyşdymy birneme?
– Hawa, içerde – diýip, Güljeren oňa jogap berdi.
– Näme boldy oňa? Men-ä eşitmändirinem. Häli Näzik aýdaýdy – diýip, Aýnabat daýza Gülälek hakda sorady.
Güljeren uludan dem aldy:
– Wah, näbelli, Aýnabat daýza. Işini tikip otyrdy. Birdenem, özbaşyna gepleýän ýaly boldy-da, çaşyp ýatyberdi.
Aýnabat daýza hüňňürdedi:
– Anna gününiň ikindisi bilen şamy arasy ölüleriň ruhunyň direlýän wagty, al-arwahlaryň gezýän wagty… Iş tikme bormy şeýle wagtam bir. Öwredeňokmy sen bu zatlary çagaňa?!
Güljeren janyny ýakyp gepledi:
– Wah, öwredýän-le… gep diňleýämi şu çagalar!
– Ýeke çaga bolansoň, läligrägem sakladyk, dogrusy – diýip, Öwez gepe goşuldy. – Edenine «däl» diýmedik. Gep aýtsaň, Gülälek diňlemejek gyz-a däl. Akylly gyz ol.
Güljeren adamsynyň sözüni böldi:
– Gülälek akylsyz çaga däl. Ýöne, nämüçindir, şu gün-ä gep diňlemedi şol. Näçe aýtdym-a men oňa «Bes edäý» diýip.
Goňşular daşardaky agaç sekiniň üstünde gürrüňleşip otyrkalar Gülälek içerki jaýda gyşaryp ýatyrdy. Onuň gözleri süzülip, ýene uka meýil edýärdi. Öýlänki wakadan bäri onuň diýseň ysgyny gaçypdy. Hälem mazaly uklan-da bolsa, ýene uklamak isleýärdi. Açyk äpişgeden daşardaky hüňňürdiler eşidilip durdy. Gün mazaly batyp, iňrik garalyp ugrapdy. Daşardaky

çyralar ýakylypdy. Olaryň ýalkymy Gülälegiň ýatan jaýyna-da düşýärdi.
Birden Gülälegiň gulagyna daşardaky hüňňürdiler bilen bile öňki tanyş pyşyrdy-da eşidildi:
– A gyz! A gyz! – diýip, ses Gülälege ýüzlendi. – Işiňi näme üçin tikeňok?! Ýeriňden tur-da, işiňi eliňe al!
Gülälek ýerinden nähili turanyny duýman galdy. Töweregine seretdi. Gözi hiç kime düşmedi. Bir çüňkde düwünçege düwen tikin işi ýatyrdy.
– Işiňi al-da, tikip başla! – diýip, ses ýene Gülälege buýruk berdi. – Basym bol, basym!
– Men ýadadym! Güýjüm ýok – diýip, Gülälek jogap berdi.
– Ýadasaň ýada! – diýip, ses rehimsiz pyşyrdady. – Işiňi al-da, tikip başla. Bol basym!
Ses şeý diýensoň, kimdir biri gyzyň iki egninden basan ýaly boldy. Gerdene salnan agrama Gülälek özüni ýere goýberdi.
– Işiňi al-da tikip başla!
Gülälek gorkdy. Sesini çykarman, diýenedijilik bilen düwünçegini alyp, ondan keşdeläp oturan gyzy ýüpek parçasyny çykardy.
– Bu gün anna agşamy. Iş tikme bolanok – diýip, gyz iňňä sapak sapyp oturşyna pessaý gepläp, sese düşündirmek isledi. – Bu gün ölüleň ruhunyň oýanýan gijesi. Tikine diýip sançýan iňňäň ruha çümmegi mümkinmiş. Şonuň üçin bu gün agşam iş tikmeli däl-de, diňe gowy-gowy dilegler, aýat-töwir bilen oturmaly!
– Anna agşamy hiç kim iş tikmese-de, sen tikersiň – diýip, ses gyza geň habary aýtdy. – Sen mydama ters iş etmäni gowy görýädiň-ä. Iliň etmeýän işlerini etdiň. Indem şeýdersiň sen!
Gülälek özüniň ilden çykyp näme iş edenini ýatlap bilmedi.
– Menmi ters iş edýän? – diýip, geň galyp, ses bilen gepleşdi. –Näme edipmişin men?
Sen gaharlandy:
– Ony saňa men aýtmaryn! Ony seniň özüň bilersiň! – Şeý diýensoň, ses ýene Gülälegi howlukdyrdy. – Bol basym, bol!
Gülälek iňňesini çaltlyk bilen keşdäniň ýüzünde ýöredip ugrady.
– Bol! Bol! Mundanam çalt tik. Çalt! Çalt! – diýip, ses çirkin

gygyrmaga durdy. Onuň sesi indi şeýle bir ýiteldi welin, gyzyň gulaklary şaňlap gitdi. – Bol diýýän! Bol! Bol! Bol! Sen muny basym gutarmaly!

– Meni howlukdyrma! Men çydamok! – diýip, Gülälek ýalbardy. – Elimiň ysgyny gaçýa!

– Gaçsa gaçsyn! – diýip, ses rehimsizligini saklap, gyzy howlukdyrdy. – Çalt tik! Çalt! Çalt!

Ýakylan çyra, gyzynyň eline düwünçegi alyp, geçip gidenini açyk äpişgeden synlap oturan Öweziň ýüregi höpläp durdy. Gulagy gyzy tarapdady. Ol Gülälegiň hüňürdeýän sesini ýene eşitdi. Zähresi ýarylan ýaly gygyryp, syçrap ýerinden turdy:

– Güljeren! Gülälek ýene samraýa! Özem iş tikýä! Hana!

Öweziň duýdansyz sesine Güljerenem, Näzik daýzadyr Aýnabat daýza-da tisginip gitdi. Güljeren jynssyz gygyrdy:

– Waý, işim gaýtdy, doganlar! Bi öýe bir bela-beter-ä aralaşdy! Hemmesi düwdenekleşip, içerik girdiler. Gülälek gara der bolup iş tikýärdi. Özem içerik adam gireninem duýanokdy. Olaryň sesinem eşidenokdy. Onuň gulagyna diňe:

– Bol! Bol! – diýip, şol bir ses eşidilýärdi.

– Çydamo-ok! Çydamo-ok! Tikmäýin-le men! – diýip, özem birsyhly sese ýalbarýardy. – Ýadadym men!

– Heý, anna agşamy-da iş tikip bolarmy, Gülälek jan! – diýp, ejesi gyzynyň ýanyna geçip, çomalyp oturdy. – Özüňem ýadaýan bolsaň, nämä tikýäň ony?!

Gülälek ejesini diňlemedi. Ses gulagyna pyşyrdady:

– Ýanyňdaky aýalyň ýüzüne ur-da, işiňe haýda! Ol seni güýmejek bolýa! Kow ony!

Gülälek şarpygy bilen ejesiniň ýüzüni mazaly awutdy. Soňam azgyryldy:

– Gümüňi çek!

Şeýdensoň, Gülälek ýene işine güýmendi. Özem gara der bolup, iňňäni şeýle bir çalt sançýardy welin, ellerine göz ilenokdy.

Dogup-döräli bäri bir diýlenini iki gaýtalatman, öz işi bilen bolup ýören gyzynyň bolşuna Güljeren ýüregini tutup aglap başlady:

– Waý, işim gaýtdy, doganlar! Bu gyz däldireýä! Bu gyz maňa hiç wagt gep gaýtaryp gören däldir. Ýüzüme şarpyldadyp urmasy

näme onuň?!
Öwez Gülälegiň elinden işini silkip aldy-da, çete oklap goýberdi:
– Tikme şuny!
Elinden işi alnan Gülälek bir salym demini dürsemek üçin diwara ýaplandy.
– Waý, alla jan-ýeý… – diýip, mejalsyz seslendi. Ysgyny gaçyp, ýene ýüregi çaşyp barýardy.
Näzik daýzadyr Aýnabat daýza bu ýagdaýa näme diýjeklerini bilmän, sadylla bolup durdular.
Ses ýene Gülälege buýruk berdi:
– Iňňäni al-da, ol adamyň gözüne sok! Ol saňa işiňi tikmäge päsgel berdi!
– Ol meniň kakam! – diýip, Gülälek ysgynsyz mydyrdady. – Men onuň gözüne iňňe sokjakgä!
– Sokarsyň! Özüňem çalt bol! – diýip, ses gazaply pyşyrdady. – Çalt bol! Çalt!
Ysgynsyz bolansoň, Gülälek emedekläp bir çetde zyňlyp ýatan köýneginiň ýanyna bardy. Sapakdan iňňäni çekip aldy. Soň mejalsyz halda ýerinden turup, Öweze golaýlaşdy. Iňňäni onuň gözlerine dürtmäge çemlendi. Öwez gyzy bat bilen itdi-de, turup, gaçdy. Eger şeýtmedik bolsa, onuň gözlerine iňňäniň çümjegi ikuçsyzdy.
– Gülälek! Sen aklyňdan azaşdyňmy? – diýip, Öwez zähre ýaryp barýan sesi bilen gygyrdy. – Edýäniň näme seniň?!
– Yzyndan ýet-de, onuň gözlerine iňňe sok! – diýip, ses Gülälege ýene buýurdy. – Çalt bol! Çalt bol!
Ses gyzyň gulaklaryny iýip, ýüregini gemrip barýardy. Onda durmaga karar goýanokdy. Şeýle bolansoň, Gülälek alaçsyz galyp, ýene kakasynyň ýanyna baryp, iňňäni onuň gözlerine dürtmäge çemlendi. Öwez indi gyzyndan gorkup başlady. Ony hernäçe gowy görýänem bolsa, öz jany-da süýji geldi. Janyny gutarmanyň aladasy bilen daşaryk çykyp gitdi.
– Indi otur-da, işiňi tik! Ol adam ýanyňa gelse, ýene gözüne iňňe sok! – diýip, ses Gülälege buýruk bermesini dowam etdi.
Gülälek zyňlyp ýatan köýnegini alyp, iňňesine sapak sapdy. Soň öňküsi ýaly, işine başlady.

– Bol! Bol! Çalt! Çalt! – diýip, ses ony howlukdyryp, janyny alyp barýardy.
– Eý, hudaý! Eý, hudaý! Bu zatlar nämäniň alamatyka?! – diýip, Güljeren aglamjyrady.
– Toba-toba! – diýşip, Näzik daýza bilen Aýnabat daýza ýakalaryny tutdular.
Gülälek öňküsi ýaly, gara dere batyp, işini göze ilmez çaltlyk bilen tikdi-de, ýene çaşyp ýykyldy.
– Çydamo-ok! – diýip, naýynjar iňňildedi.
– «Tiz kömegi» çagyr! Gülälek ýene çaşdy! – diýip, Güljeren daşaryk atylyp çykyp, adamsyna gygyrdy.
Näzik daýza bilen Aýnabat daýza Güläleginiň el-aýagyny düzedip ýatyrdylar. Güljeren onuň gelen-gideniň ýanynda serlip ýatmazlygy üçin, üstüne akja prostyn atdy. Saçlaryny düzedişdirdi.
Öwez içerik girip, «Tiz kömege» jaň etdi. Näzik daýza bilen Aýnabat daýza Güläleginiň el-aýagyny owkalamaga durdular. Şol wagt Näzik daýzanyň maňlaý saçyny kimdir biri emaý bilen sypan ýaly boldy. Näzik daýza bu ýagdaýa tsginip gitdi. Ýüregi ýerinden gozganan ýaly boldy.
– Waý-ýeý – diýip, nähili seslenenini duýman galdy. Aýnabat daýza onuň ýüzüne tiňkesini dikdi:
– Näme boldy, Näzik?
Näzik daýza tolgunmadan hopugyp gepledi:
– A gyz, göwnüme-de bolsa bilemok. Biri meňem saçymy sypan ýaly boldy-da, hakyt!
Näzik daýzanyň habaryna Güljeren aglamjyrady:
– Bu öýi arwah-jynlar eýeläpdir. Ertiriň özünde göçüp giderin bu ýerden!
Aýnabat daýza Näzik daýzanyň habaryna birbada gözlerini tegelese-de, soň ony köşeşdirdi:
– Göwnüňedir-le, gyz! Saçyňy sypar ýaly, kim bar seniň ýanyňda?!
Näzik daýza Güljerene ýüzlendi:
– Ýene bir sogan getir!
Güljeren sogan ardyp geldi. Näzik daýza ony owradyp, Güläleginiň agzyna, burnunyň daşyna çyrşap, gyzy özüne getirdi. Onýança

«Tiz kömegem» geldi. Öwez bialaç halda dyza çöküp, maňlaýyny tutup oturdy.
«Tiz kömekden» süňňüýeňil gopýan, ýaş wraç gyz düşdi. Onuň kiçijik çemodanjygyny göterip gelen doktor oglan wraç gyzdan-da ýaşdy.
Olary görüp, Näzik daýza bilen Aýnabat daýza Güläleginiň gapdalyndan çete çekildiler.
– Muňa näme bolýar? – diýip, wraç gyz töweregindäkileriň belli birine ýüzlenmän sorady.
Güljeren aglamjyrady:
– Muny al-arwahlar eýeläpdir. Öýländen bäri birsyhly özbaşyna samraýar. Özem aldygyna iş tikýär-de, çaşyp ýykylýar. «Tikme» diýsegem, diňlänok.
Wraç gyz Güläleginiň öýkenini, ýüregini, gan basyşyny barlady. Güljereniň sözüne ýylgyrdy:
– Al-arwahlar barmy, daýza, bi zamanda?! Sizem ýöne bir zat tapaýýaňyz. Gyzyňyzyň ýüregi, öýkeni, gan basyşy gowy. Özbaşyna samraýan bolsa, beýnisinde bir näsazlyk tapylan bolmagy mümkin. Nerwisine zeper ýeten bolmagy mümkin. Gyzyňyzy doktora mazaly barladyp, keselhana salyp, bejerdiň. Keseliň öňüni almasaňyz, soň kyn bolar.
– Haýry bolarmyka? – diýip, Güljeren gaýga galyp sorady. Öwez doňdurylan ýaly bolup otyrdy. Misli, ýüreginden daş asylan ýaly, gozganmaga-da güýç tapanokdy.
– Haýry bolar, näme bolman! – diýip, wraç gyz Güljerene hoşamaý jogap berdi. – Ösüp barýan ýaş syna. Belki, ýürekde, beýnide üýtgeşiklik bolup geçýändir.
– Belki, hudaý jan, şeýle bolawersin! – diýip, Güljeren aglamjyrady. – Ýeke çagam! Käşgä köp bolan bolsady, ýüregimiz birneme suwly bolsa-da bolardy.
– Häzir men birje sanjym edeýin. Gyzyň derrew sagalar – diýip, wraç gyz birsyhly Güljereni köşeşdirdi. Soň çemodanjygy göterip, henizem gapyda sadylla bolup duran kömekçisini ýanyna çagyrdy. – Bärik geç-de, şuňa rahatlandyryjy sanjym ur.
Kömekçi bolup gelen doktor oglan çalasynlyk bilen düşege geçip, gyza ukol urdy. Şondan soň doktorlar gaýtmak bilen boldular. Güljeren olary ugratmak üçin daşaryk çykdy.

– Häli, «iş tikme» diýleni üçin meniň-ä ýüzüme urdy, kakasynyňam gözüne iňňe sokjak boldy. Hakyt kowalady kakasyny – diýip, Güljeren wraç gyza Gülälegiň bolşuny gürrüň berdi.
Güljereniň sözlerine wraç gyz diňşirgendi.
– Ene-atada çagaka ýa-da ýaşka şeýle samrama keseli ýüze çykan bolsa, ol soňy bilen çagada-da bildirip bilýär. Siziň maşgalaňyzda şeýle keseli başyndan geçiren barmy? – Wraç gyz Güljerene tiňkesini dikdi. – Mamasy-babasynda baram bolsa, nesle geçip bilýä.
Güljeren biraz pikire çümdi. Soňra başyny ýaýkady:
– Ýo-ýok– diýip, sesini süýkürdi. – Men-ä hiç wagt samrama keseline sataşmandym. Kakasyny welin bilemok. Olaryň özler-ä maňa beýle zat hakda aýtmandylar. Menem soramandyryn. Ýaşan ömrümizde beýle gürrüňleriň geregem bolmandy.
– Bolýa, bu zatlary soň anyklarsyňyz – diýdi-de, wraç gyz özüne garaşyp duran maşyna mündi. – Gyzyňyzy psihiatora hem newrologa hökman görkeziň. Ertir ilki öz wraçyňyzy çagyryň. Ol size ýüz tutmaly ýeriňiz üçin ýörite hat berer.
«Tiz kömek» ýola düşensoň, Güljeren içerik gaýdyp geldi. Rahatlandyryjy ukolyň güýjüne Gülälek uka gitdi. Şondan soň Näzik daýza bilen Aýnabat daýza-da öýlerine gaýtdylar. Güljeren olary-da ýola saldy.
Öweziň gözüne uky gelmedi. Güljeren hernäçe «ýat» diýse-de, diňlemän, daň atýança gyzyny garawullady.
Irden Gülälek adaty günlerdäkisi ýaly bolup ýerinden galdy. Misli, hiç zat bolmadyk ýalydy. Ýuwnup-ardynyp, çaý demlendi. Çaý içdi. Öňem tämiz içeri-daşaryny syryp-süpürdi. Soň öýe girip, ýene işini tikmäge oturdy.
Onuň hereketlerinde hiç hili gorkuly zat görnenokdy. Ol öňki Gülälege öwrülipdi.
Öwez gözlerini gorkuly tegeläp, gyzyny synlap otursyna, oňa gep goşdy:
– Gyzym, ýagdaýyň gowumy?
Gülälek öňküleri ýaly, utanjyrap gepledi:
– Hawa, gowy.
– Iş tikmesene gyzym! – diýip, Öwez oňa gorka ýalbardy.
Gülälek ýylgyrdy.

– Näme üçin, kaka?
– Sen ýaraňog-a! – Öwez şeý diýende tas aglapdy. Zordan özüne erk etdi.
Gülälek birsyhly ýylgyryp gepledi:
– O nähili ýaramok? Ýaraýan men-ä.
Öwez ondan geçen agşamky bolan zatlary soramak isledi. Birbada çekindi. «Şol wagt huşy başyndan gitdimikä munuň? Ýa-da baryny bilýämikä» diýip, içini gepletdi. Ahyry hem ýüregini bire baglap, gepini dowam etdi:
– Sen işiňi goý-da, ejeň bilen doktora görnäý, Gülälek jan.
Gülälek işine haýdap oturşyna, Öweze sowal bilen ýüzlendi:
– Sagat janyma doktorda näme işläýin?
– Geçen agşam ýaramadyň-a sen?
Şu sözleri aýdanda Öweziň ýüregi jigläp gitdi. Gözlerini gyzyndan aýyrmady. Bu gepe gyzyň berjek jogaby onuň geçen agşam huşundamy-huşunda däldigi anyk etmelidi. Ýöne Gülälek kakasyna kanagatlanar ýaly gep aýtmady. Asla agşam hakda dilem ýarmady. Gaýdyp geplemedem.
Öwezem bir zady zol gaýtalap, gyzynyň kellesini agyrtmak islemedi.
– Gyzym, ýagdaýyň gowy bolsa, men biraz irkiljek. Gijesi bilen ýatman çykdym. – Öwez gepini başga ýana syrykdyrdy.
Gülälek kakasynyň näme üçin ýatman çykanynam sorap durmady. – Ýagdaýym gaty gowy, kaka. Arkaýyn ýatyber – diýdi. Öwez aýalyndan Gülälekden agşamky hadysany bilýän-bilmeýänligini sorap görmegi tabşyryp, içki jaýlaryň birine girip ýatdy. Arkaýyn uklabam bilmedi. Bir irkildi, bir tisginip oýandy. Alasarmyklykda agşamky bolan wakany düýşünde görüp samrady. Bir gynandy, birdenem, gyzynyň häzirki rahat ýagdaýy ýadyna düşüp begendi.

***

Soňky döwürler Aýjahan daýza ýürekgysma keseline sataşdy. Birden-birden dünýä sygmajak bolýardy. Giň jahan gözüne dar görüniberýärdi. Ol muny garrylyga ýorjagynam bilenokdy, agtygy Gülälegiň ýetişýänine ýorjagynam. Gülälegiň ýetişip urgamagy

diňe Öwezi däl, Aýjahan daýzany-da alada goýýardy. Ol ýekeje agtygyna şeýle bir öwrenişipdi welin, ony durmuşa çykarmalydygy ýadyna düşende, öýe sygman, düwläp-düwläp galyberýärdi. Köçä çykyp, ýüregini giňedýärdi. «Oglumyň birje ogul zürýady bolaýmady-da. Bu gyzam öýi boşadyp gider. Giýew diýeniňem kesekiniň erkegi. Ony öýe getirip boljakmy, bolmajakmy, kim bilýä. Getirjek bolanyňda ol geljekmi-gelmejekmi! Getireňsoň, göwnüň sygyşjakmy-sygyşmajakmy» diýip, häli-şindi alada bilen pikir öwürýärdi. Ol aladalyryny gelni Güljeren bilen ogly Öweze ýaňzydanokdy. Olary-da öz gaýgysyna batyrmak islänokdy. Ýüregini giňeltmek üçin käteler goňşy oba çykaran gyzy Nurjahanyňka giderdi. Gülälek hakdaky şol bir gürrüňleri bilen gyzynyň gulak etini gazardy.
– «Birim bar – müňüm bar» diýipdirler, eje diýip, Nurjahan ejesine göwünlik berýärdi. – Şükür et, Ýekeje zürýatsyz ötüp ýörenler bar-a dünýeden. Şol gyzam bolmadyk bolsa näderdiň?! Ine, nesipli gün gelip, öýe düşer welin, daşyňyzy çagadan dolduryp berer…
Gyzynyň gürrüňlerine Aýjahan daýza birneme köşeşerdi. «Belki şeýle bolsun-da!» diýip, birdenem şükür ederdi. Birdenem, ýene çig süýt emenligini edip, howsalaly pikirlere özüni aldyrardy. «Ýeri, birje ogly-da bolan bolsa bolmaýamy Öweziň. Gülälekden çaga önende-de, ol Öweziň yz-a bolmaýar. Başga kişiniň nesli bolýar-a. Çagasy ýene bolar diýip, kän garaşaýdym-da. Başy ýaşka Güljereni kowaga-da, başga birine öýeräýmeli ekenim. Beýden bolsam-da, soň ýene Öwezden hiç zat önmese näderdim?! Gülälek janam ýitirerdik. Güljerenem önelgesiz-ä däl. Gülälegi dünýä inderdi ahbetin ol. Soňky önelgesizligiň kimdenligini nä biljek?! Wagtynda doktora-da görnäýmediler. «Eliň bilen düzedip bolmaýa» diýilýän zatlar bi… Dünýäniň gudraty kän… Ol islegiňe görä ogullam bolup bolanok, gyzlam. Aýaly kowubam bolanok, täzesine öýlenibem. Adam pahyr özüniň däl-de, başga kimdir biriniň isleýänini berjaý edip ýören ýaly… Isläniňi däl-de, görmeliňi görýäň…»
Aýjahan daýza pikilerine gümra bolup, bu gezegem gyzynyňkyda iki gününi dagy geçirdi. Giýewsi çopandy. Ol bir aý öýde bolsa, bir aýlap çöldedi. Aýjahan daýza giýewsiniň ýok wagtyny

çemläp, gyzynyňkyda häli-şindi ýüregini açar giderdi. Anna güni ol yzyna şaýlandy.
– Şu gije-de bolaýsana – diýip, gyzy ony ýene saklady. – Öň-soň ýeke özüm. Çagalar kiçi. Menem ölen-ýitenleň ruhuna ys edäýjekdim. Bir özüm töwir galdyryp oturmaýyn. Munuň ýalyda ýanyňda ýoldaş bolsa gowy. Özüňem namazly-töwirli kişi. Maňa töwir galdyryp berip git.
Ýüregi hernäçe yzyna atygsap duranam bolsa, Aýjahan daýza özüniň ýeke syrdaşy bolan gyzynyň göwnüni ýykmak islemedi. Galdy. Agşam ys edip, bile töwir galdyrdylar.
Gije Aýjahan daýza aýylganç düýş gördi. Düýşünde gapydan uzyn boýly, aýaklary atan-satan, hüýt gara zat girip gelýärmiş. Aýjahan daýza onuň ýüzüni görüp bilenok. Ol boýdan-başa gara şala bürenen ýaly. Bir seretse-de, hiç hili şal ýok-da, ol zat gap-gara tüweleýe meňzeýän ýalydy. Aýjahan daýza gara zadyň Gülälegiň ýanyna bararyndan gorkýar-da, agtygyny penalamak üçin Gülälege tarap atylýar. Gülälek öýüň bir çüňkünde öňküleri ýaly, iş tikip otyrmyş. Aýjahan daýza döş gerip, ony ýetip gelýän gara zatdan gorajak bolýar. Ýöne ýetişenok. Gara zat Aýjahan daýzadan öňürdip, Gülälegi çaga göteren ýaly ýokaryk göterýär-de, gapydan çykyp ugraýar. Aýjahan daýza onuň yzyndan ylgaýar. Gara zat Gülälegi göterip, şäherden çykýar. Kanalyň boýuna baryp, ony belent raýyşlaryň üstünde ýatyrýar-da, bogjak bolýar. Aýjahan daýza ylgap baryp, zadyň egninden tutup çekýär. «Edýäniň näme! Goýber gyzy!» diýip gygyrýar. Gara zat yzyna öwrülýär. Aýjahan daýza seretse, ol öz ogly Öwezmiş. Aýjahan Öwezden Gülälegi näme üçin bu ýere getirenini soramakçy bolýar. Onuň bolup ýörşüne gahary gelýär. Ýöne hiç zat sorap bilenok. Birsyhly:
– Öwez! Öwez! – diýip, gygyrýar.
Düýşi şu ýere ýeten halaty Aýjahan daýzany gyzy Nurjahan yralap oýardy:
– Eje, samraýaň sen!
Öz gören düýşüne Aýjahan daýzanyň keýpi bozuldy. «Eý, hudaý jan! Bu nämäniň alamatyka?!» diýip, gorky bilen pikir öwürdi. «ÝA öýde bir zat bolup ýörmükä?»
Ol çaý-çörege-de kän meýil etmän, yzyna howlukdy.

— Aýylganç düýş görüpdirin. Basymrak gideýin men! — diýip, gyzyna habaryny berdi. — Göwnüne bolmasa, öýde bir zat gopýan ýaly. Nurjahan ejesine igendi:
— Eje jan, senem soňky wagtlar garrap ýörmüň, nämemiň, bir ýerde karar tapaňok. Bäri gelseň, aňryk gitjek, aňyrda wagtyň bäri geljek. Aglap duran çül-çagalary ýok. Özleri görer günlerini. Indi ogluň bilen gelniňem ep-esli adamlar bolupdyr-a. Gyzlaryny çykarsalar, basym agtyk görýän adamlar bolýar-a olar. Ýeke wagtym birje aý ýoldaş bolaýarlar maňa-da.
— Bir aý diýme, gideýin. Saňa alla ýar bolsun — diýip, Aýjahan daýza yzyna howlukdy. — Sen dogry aýdýaň, soňky wagtlar özümem bir hili bolupdyryn. Ýüregim dünýä syganok.
Onuň howsala düşmesi ýöne ýere bolmady. Öýüne gelenden, gelni Güljeren ýarym-ýaş bolup, oňa agşamky bolan zatlary gürrüň berdi.
Gün günorta bolanda Öwez oýanyp, daşaryk çykdy. Ol gyzynyňkydan gelen ejesiniň üstüne guduzlan ýaly bolup gygyrdy:
— Nädip geläýdiň, eje?! Entägem giýewiň maňlaýyny alyp oturmaly ekeniň-ä birki gün! Gitseň, öýüňe köwlenmelidir öýdeňok. Ýigrenýänim giýewsiniň eňegine bitip ýören adamlardy. Öz ejemizem şeýle boldy. Bu öýde nämeleň bolanyny bilýäňmi sen?!
— Ýuwaş! Ýuwaş! — diýip, Aýjahan daýza ogluna bir elini galgatdy. —Gidenim ik gün-le. Köwlenmez ýaly, ýyl aşyp gidemok. Giýewiň eňegine-de bitemok. Giýew çölde. Öýünde ýogam! — Aýjahan daýza ogluna gyssagly şeý diýensoň, demini dürsäp, biraz dymdy. Köýneginiň ýeňi bilen maňlaýyndan syrygýan burçak-burçak derini süpürip oturşyna, başyny ýaýkady. — Öwf! Bi yssyny! Ýüregiňi çaşyryp barýa. — Birneme özüni dürsänsoň, Aýjahan daýza ogluna ýüzlendi. — Güljeren aýtdy baryny! Boljak işe çäre ýok. Boljak iş men otursam-da bolar, oturmasam-da. Gyzyň ýetişipdir. Ata bolupsyň, oglum. Oglan-oglanjyk däl-ä sen indi. Mensiz başyňy çarmany-da öwren. Haçana çenli meň başyma irişdäňi atyp gezjek sen?! Men öläýsem näme etjek?! Şonda-da «öýe geleňok» diýäge-de, käýýäp gaýdaýjakmy?! — Aýjahan daýza gepiniň soňuny öýkeli hüňürdä

sapdy. –Toba-toba, mydama seni günäkärlejek bolup durlar, gyz!…
Öwez sesini birneme peseltdi:
– Ata bolamda näme! Bilýän zadym barmy meniň?! Her zadam bolsa, köpi gören sen. Bizden bir sanaç uny artyk iýen adam. Näzik daýza köp bilýän eken. Gülälek birinji gezek çaşanda, ol Gülälegiň agyz-burnuna sogan ýenjip çaldy-da, açaýdy-how ony. Ýaşy ulurak adamlaryň köpi göreni bildirýä-how!
– Näzik dogry edipdir. Al-arwahlar sataşyp, şeýtalanýan adamy soganyň ysy basym alýandyr. Ýüzärligiň tüssesine-de köp bela-beterler gelip bilýän däldir.
– Biz şonam bilemizok-da – diýip, Güljeren pikire batyp gepledi.
– Bilýän zadyňyz barmy siziň?! Bilmeseňiz, biljek bolarlar! –Aýjahan daýza gelnine igendi. – Boýuňyzy bezäp, toý gez diýseň size. «Öýde ýüzärlik bolsun» diýibem, näçe gezekler aýtdym men. Heý, gepim ýer tutdumy?!
– Ýüzärlik bilen bela sowuljak bolsa, men häziriň özünde tapyp gelerin ony! – Öwez haltadyr orak alyp, ýola şaýlandy. – Häzir tüýs ýetişýän wagty onuň.
– Gyrak-bujaklarda kändir – diýip, Aýjahan daýza ogluna ýüzärligi nireden almalysyny salgy berdi. Soňam özüniň näme üçin agşam gelmänini düşündirdi. – Nurjahanam anna agşamy ys çykardy, tüwüjik bişirdi. Özem ýeke. «Töwir galdyryp berip gidäý» diýip duransoň, galaýdym bir gije. Wah, beýle zatlaryň boljagyny nä bileýin men. Bilen bolsam, gelerdim-le.
– Bolýa-la, gyz! – diýip, Güljeren gaýynenesini köşeşdirdi. – Her näme-de bolsa, sag-aman geçdi. Sowuldygy bolsun. Näme diýseňem, ýanyňda ýaşulyň bolsa, kyn pursatda ýüregiň suwly bolýan eken…
– Dagy näme! – diýip, Aýjahan daýza ony makullady. – Köpi gören köpi gören bor-da.
Aýjahan daýza çaý-suwuny içip, özüni tutansoň, Gülälegiň ýanyna bardy. Gepi ilki agtygynyň tikip oturan işine syrykdyrdy. Keşdäniň eýlesini-beýlesini dyrmalaşdyryp gördi:
– Tüweleme, Gülälek jan, ýakaň-a gowy bolýa. Özüňem çalt işläpsiň öýdýän. Men Nurjahan ejeňlere gitmänkäm başlapdyň-a

bu ýakany. Eýýäm gutaryp barýaň.
Gülälek enesiniň gepine jogap bermedi. Işine dümtündi oturdy. Işini öňküleri ýaly çalt tikenokdy. Iňňäni maýdalyna sançýardy.
Aýjahan daýza agşamky hadysany ýadyna salyp, agtygyny gynandyrmak islänokdy. Onuň özüniň dil açaryny isleýärdi. Şu pikir bilen Aýjahan daýza sag eliniň aýasyny Gülälegiň maňlaýyna degirdi:
— Gyzgynyň-a ýok.
Gülälek onuň elini itdi:
— Azar bermesene, ene. Iňňäni elime dürtdürýäň häzir. Näme, meniň gyzgynymy barla diýdilermi saňa?!
Aýjahan daýza müýnürgedi:
— Geçen agşam ýaramansyň-a, guzym. Gyzgynyň barmyka diýip, özüm barlap görýän maňlaýyňy.
Gülälek ýene enesi bilen gepi ugrukdyrybermedi. Sesini çykarman, işine güýmendi. Ol agşamky bolan zatlaryň ählisini bilýärdi. Gulagyna eşidilýän ses, özüniň dünýäni duýman iş tikişi, bary ýadyndady. Bu sataşan belany gaýgy edip, gyzyň ýüregi häzirem daş asylan ýaly bolup durdy. Sorkuldap, yzaly sançýardy. Işe-de güýmenesi gelenokdy. Ýöne wagtyny geçirmek üçin syrym-süpürimem, tikin işinem bialaç edýärdi. Ýüzlerini ak tam edişip, gorkuşyp oturan ejesidir kakasynyň bolşuna dözmän, syr saklaýardy. Häzir ol ähli bolan zady enesine aýdyp, möňňürip, ýüregini gowzutmak isleýärdi. Ýöne ýene ejesiniň-de, kakasynyň-da gynanjagyny bilip, özüne erk edýärdi. «Belki, bu bir gün şeýle bolandyr. Belki, indi geçip gider» diýip, pikir öwrüp, öz-özüni köşeşdirýärdi.
Aýjahan daýza-da agtygyndan artykmaç zat sorap, onuň ýüregine düşüp durmady. «Geçer gider, belki, al-arwah öýe bir gijelik darap geçendir» diýip, pikir etdi.
Şunlyk bilen Gülälekli gürrüň galdy. Soňky günler, gijeler hiç hili üýtgeşiklik hadysa gopmady. Güläleg iň hem öňki asuda bolşudy. Şeýle bolansoň, bütin maşgala ýene rahatlyk aralaşdy. Aýjahan daýza Näzik daýzanyň ýanyna gümür-ýamyra baryp, onuň öýündäkilere özi ýok wagty kömek edeni üçin taňryýalkasyn aýtdy. Agtygynyň halyna gynanyp, gözlerini ýaşlady:

– Göz boldumy, dil boldumy, ýaňy bir ýetişip, gapy açylaýjak wagty… Kim indi munuň başyna kürte atmaga ýürek eder…
– Hudaý bardyr, düzeler, gynanma – diýip, Näzik daýza goňşusyna göwünlik berdi. – Belki, geçdigidir. Gaýdyp zadam bolmaz. Eger ýene gaýtalanaýsa-da, molla çagyryp, okadyp göräýmeli bor.
– ÝA garaguşagyry tapynaýdymyka? – diýip, Aýjahan daýza pikire batdy. – Şol keselem şeýdip, duýdansyz tapylýamyş.
– Aý, ýok, garaguşagyry däl. – Näzik daýza ynamly gepledi. –Garaguşagyry bolan kişi dişlerini biri-birinden geçiräýjek bolup, gatap ýatýar, titreýär. Ýumruklaryny bek düwýär. Tutgaýy tutan wagty garaguşagyryly kişiniň ýumruklaryny açmagy hem kim-her kim başarmaýaram. Güýçli kişi tapylaýmasa. Näsagyň agzyndan ak köpük gelýär. Onsoňam, garaguşagyry diýen zat bir başlasa, arasyna kän salym salman, häli-şindi bildirip durýar. Ol seniň annaňy-da bilenok, şenbäňi-de. Men garaguşa sataşan adamlary kän görüpdim.
– Eý, tob-a! –diýip, Aýjahan daýza uludan dem alyp, sesini süýkdürdi. Alada galdy. – Onda ol, meniň agtyjygyma sataşan bela nämekä, allajanlarym?!
Näzik daýza agras gepledi:
– Näbileýin-dä, Aýjahan! Bu dünýe göz ýetirerden çuň-da! Bir görseň, «Al-arwah ýok» diýip ýörler. Bir görseňem, adamlar nähilidir bir düşnüksiz zatlara sataşýarlar. Anna agşamlary ölüleriň ruhlary oýanyp, gapy-gapy gezýä diýerdi köneler. Ýöne onam gören adam-a ýok. Bi, kakyn-silkinli adamlara näme diýjek? Olar mydama kimdir biri bilen gepleşip ýörler. Olar doglanda kakynly bolup doglanoklar. Ahbetin. Adama hemme zat soň sataşýa. Seniň agtygyňam kimdir biri bilen gepleşýä-de, soňam çaşyp ýykylýar.
– Dünýede göze görünmeýän bir gudrat-a bar – diýip, Aýjahan daýza keýpini gaçyryp gepledi. – Şu gyza bir bela sataşjagyny düýşümde gördüm men, Näzik.
Bu sözlere tolgunyp, Näzik daýzanyň ýüzi üýtgäp gitdi:
– Goýsana, gyz?!
– Alla bar! – Aýjahan daýza sözüni dowam etdi. – Düýşümde ynsmy-jynsmy, bilemok, bir uzyn gara bela Gülälek jana

topulýamyş. –Aýjahan daýza gepine birneme dyngy berip, gözlerine çyg getirdi. Şu gyz öläýmese, Näzik…
– Goýaweri! – diýip, Näzik daýza Aýjahan daýzanyň al petinden aldy. – Toba et-de, sözüňi yzyna al. Hiç zadam bolmaz. «Düýşi görmekde däl, ýormakda» diýipdirler. Gowy zada ýorsaň, hiç zadam bolmaz!
Aýjahan daýza gözlerini süpürip, ýene bir uludan dem aldy-da, gamgyn halda sözüni dowam etdi:
– Ol gara zat Gülälegi çaga göteren ýaly göterip, bir ýerlere alyp gidýämiş. Men onuň yzyndan ýetip, egninden çekýän welin, ol öz oglum Öwezmiş. Bu gyzyň başyna Öwez sebäpli bir bela geläýmese… Gorkaýmasyn diýip, muny heniz Güljerene-de, Öweze-de aýdamok.
– Oňarýaň aýtmasaň – diýip, Näzik daýza Aýjahan daýzanyň gepini makullap, baş atdy. – Aýtsaň, olar gorkaram. Özüňem ýüregiň düşüşer ýaly, hudaýýolujyk paýlaý. – Şeý diýensoň, ol gepini dünýädäki gudratlara syrykdyrdy. – Bi, düýş diýen zada näme diýjek diýsene! Bir wagt menem oglum Emir janyň elimden gitjegini düýşümde görüpdim. Soň kakasynyň aýryljagy-da aýan boldy maňa. – Näzik daýza birdenem, öz gepleriniň Aýjahan daýzany has gorkuzjagy hakda pikir öwrüp, gepini üýtgetdi. Ýene goňşusyna göwünlik bermäge durdy. – Alada etme sen, belki, ol gara zat gudalardyr. Biri bilen guda bolup, Gülälegi çykarjaksyňyz. Gyz üçin gaýyn öýem atasy öýi ýaly bolýarmy näme! Aladadan, gowgadan dolduryarlar-a geleniň başyny. Agtygyň indi aladaly günlere gitmeli pursaty gelýändir. Gara zadyňdyr şol.
– Belki, şeýle bolsun-da, Näzik Agzyňdan hudaý eşitsin-dä! – diýip, Aýjahan daýza Näzik daýzanyň gepine birneme köşeşen ýalam bolsa, ýüreginden daş asylan dek bolup, gaýtmak üçin ýerinden turdy. Mistika we fantastika